# Gudrat / intermediýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gudrat / intermediýa GUDRAT

– Doktor han, oňat iş ýeriñde baram ekeniñ. Gyzgynym galyp, gözüm garañkyrap dur. Ýagdaýymy barlap beräýmeseñ-ä…

– Elim degenok…

– Weý, boş dursuñ-a. Eýlesi-beýlesi bir minitda barlardyñ-da.

– Boş duran bolsamam, "elim degen-nokk"!..

– Gaýrat et, doktor jan! Senden em isläp geldim. Eliñi degräýsene?..

– Äl-aýt, inim, düşnüksiz bolnoý ekeniñ-aý. Ynha, iki elimem jübimde. Elimiñ hiç zada degmeýänini görüp dursuñ-a.

– Bä, aýdylýan zatlar çyn eken-ow… Wiý, doktor jan indi düşündim. Häzir men señ jübiñe elimi salyp çykararyn welin, eliñ deger duruberer. Ine, saldym. Elleñ bir zatlara degip gitdimi özi?

– Äh-ä… Degýä…Degýä… Degdi!

– Degen bolsa onda iki eliñem jübiñden çykaraý.

– Bor… Bor… Ine, çykardym. Bäý, bolnoý elimi degirmäge ökde ekeniñ-aý. Zora zor diýmeli. Sende bir göze görünmeýän bir uly gudrat-a bar.

– Wah, doktor jan, meñ ýaly garamaýakda gudrat näme işlesin? Gudrat ýañky eliñe degen zatlarda.

– Bolýa, bolýa. Beýdip wagt ýitirip durmaly. Häzir elim degip durka seni bir gowuja barlaýyn hem däri-derman bereýin. Hany, ýör, iş otagym baraly.

Hojageldi KÖRHANOW.

«Watan» gazeti, 1999 ý. Satiriki hekaýalar